***Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan Türkmenistan döwletimiz bütin dünýäde bagtly, bagtyýar çagalaryň mekany hökmünde ykrar edilýär.***

Çagalaryň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek, olaryň şahsyýet hökmünde kemala gelmegi hem-de ukyp-başarnyklaryny doly açmagy üçin şertleriň döredilmegi döwlet Baştutanymyzyň Watanymyzyň, halkymyzyň röwşen geljegi ugrundaky uly tagallalarynyň baş maksadydyr. Şunda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýany tassyklap, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň biri bolan ÝUNISEF bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edip gelýär we özüniň ýaşajyk raýatlary üçin oňyn durmuş şertlerini üpjün etmekde ýokary jogapkärçiligini görkezýär.

Ýurdumyzda ýaş nesliň ýokary derejede bilim-terbiýe almagy bilen birlikde, tomusky we gyşky dynç alyş möwsümlerinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde wagtlaryny şadyýan hem-de manyly geçirmekleri üçin hem ähli şertler döredilendir. Bagtyýar çagalar meşhur «Gökdere» jülgesinde hem-de ýurdumyzyň beýleki sebitlerinde ýerleşýän sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde tomusky dynç alşynyň hözirini görýärler. Olar döwrebap merkezlerde dynç alyp, saglyklaryny berkidýärler, çagalyk dünýäsiniň iň ajaýyp pursatlaryny başdan geçirýärler.

Halkymyzyň, şol sanda ýaş nesliň sagdyn durmuşynyň üpjün edilmegini döwlet syýasatynyň özenine öwren Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Goý, bagtyýar çagajyklarymyzyň şadyýan gülki sesleri hemişe belentden ýaňlansyn!

**Şahnoza GAPBAROWA,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Köýtendag etrap Geňeşiniň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.**

Все права защищены